# Filippin toýlarynda gülüñ ýerine sogan buketi alynýar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Filippin toýlarynda gülüñ ýerine sogan buketi alynýar
FILIPPINLERDE PROTEST BILDIRMEGIÑ TÄZE FORMASY: **TOÝLARDA GÜLÜÑ ÝERINE SOGAN BUKETI ALYNÝAR**




*Ýurtda soganyñ bahasy etiñ we towugyñ bahasyndan gymmat.*
*April Lyka Biorreý-Nobis 11-nji ýanwarda eden toýunda sogan buketini aldy (RR Production Photography).*
Filippinlerde soganyñ bahasynyñ gymmatlamagy ýurtdaky lýuks düşünjäni-de üýtgetmäge başlady. Gytçylyk sebäpli hojalykda sarp edilýän azyk önümleri toýlarda gül desseleriniñ ýerini aldy.
28 ýaşly April Lyka Biorrey-Nobis toýunda joralary bilen bile sogan buketlerini almagy bilen dile düşdi. Täze gelin toý suratlarynda sogan desselerini alyp surata düşdi.
Ýerli gazete interwýu beren gelin «Aslynda gül dessesini aljakdym, ýöne sogan ýetmezçiligi ýadyma düşdi-de, şeýdip göresim geldi. Munuñ özi has gowy boldy, soganlary toý sowlandan soñ myhmanlarymyza paýladyk» diýdi.
Biorrey-Nobis soganlary myhmanlaryna paýlamak we bolup biläýjek şikes ýetmeleriñ öñüni almak üçin buket zyñmak däbindenem ýüz öwürdi.
Filippinlerde okýabr aýynda bahasy 200 peso bolan soganyñ bir kilosy üstümizdäki aý 700 peso çenli gymmatlady we bir

kilogram etiñ bahasyndan geçdi.
Ýurtdaky gündelik harçlyk bir kilo sogan almaga ýetenok.
Ýurduñ merkezi şäherlerinden Jebuda pizza bişirip satýan Rizalda Maunes soganyñ sarp edijileriñ köpüsi üçin elýeter däldigini aýtdy.
«BBC» habarlar gullugyna interwýu beren Maunes şeýle diýdi:
– Öñler günde 3-4 kg sogan alardyk. Indi zordan ýarym kg alyp bilýäris. Hernä müşderiler biziñ ýagdaýymyza düşünýär, çünki şeýle ýagdaý diñe restoranlarda gabat gelenok… Naharlaryñ köpüsi sogan bilen edilensoñ, öýdäki aşhanalaram kyn günlerden geçýär.
Filippinleriñ Wekiller Mejlisiniñ agzasy, ykdysatçy Stella Quimbo çarşenbe güni (25-nji ýanwarda) eden çykyşynda «Bahalaryñ üýtgäp durmagyny düşündirip bilmeýän bolsak, munuñ ýeke sebäbi kartellerdir» diýdi.
Ykdysatçy Nikolas Mapa bolsa awgust we sentýabr aýlaryndaky taýfunyñ (ýeliñ) sogan hasylyna ýaramaz täsir edendigini, hökümetiñem muña taýýarlyk görmekde gijä galandygygyny aýtdy.

Independent, Telegraph, BBC.

Taýýarlan: Aýlin ŞENER.

Anna, 27.01.2023 ý. Geň-taňsy wakalar